# Telekeçiniň etikasy

***Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow şu ýylyň7-nji fewralynda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen geçiren duşuşygynda eziz Diýarymyzy ähli ugurlarda mundan-da beýläk ýokary depginlerde ygtybarly ösdürmek babatda olaryň öňünde anyk wezipeleri goýdy. Hormatly Prezidentimiziň çykyşynda döwlet gullukçysynyň etikasyny düzgünleşdirýän kanuncylyk namasyny döwrebap özgertmeklige hem aýratyn ähmiýet berildi. Häzirki wagtda diňe bir döwletde däl, eýsem ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk pudagynda gulluk edýänleriň hem etikasyny milli äheňi saklap, dünýä ülňeleriniň talaplaryna gabat getirmek, umuman bütin jemgyýetiň ahlak kämilligini gazanmak döwlet syýasatynda wajyp mesele bolup durýar.***

Etika düşünjesi ahlakdan gelip çykýar. Eger-de ahlak kadalary ynsan gatnaşyklarynyň ähli ugurlaryny düzgünleşdirýän bolsa, etikanyň kadalary ahlagyň aýrylmaz bölekleri hökmünde belli bir jemgyýetçilik toparlarynda döreýän gatnaşyklary düzgünleşdirýärler. Size hödürlenýän makalada telekeçiniň etikasy (ahlagy), ýagny telekeçilik işinde telekeçiniň özüni nähili alyp barmalydygynyň ýa-da barmaly däldiginiň düzgünleriniň jemgyýetçilik ähmiýeti barada gürrüň açylýar.

Dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, ahlagyň kadalary, diýmek etikanyň kadalaram, atatça, ýazylmadyk görnüşde hereket edýärler. Munuň özi ahlagyň (etikanyň) kadalary barada adamlaryň doly we hemmetaraplaýyn habarly bolmaklaryna hem-de olaryň döwrebap dünýägaraýşynyň emele gelmegine oňyn täsir etmeýär. Elbetde, telekeçileriň telekeçilik işini alyp barmagyň etikasy barada belli bir derejede garaýyşlary bar, ýöne olaryň bu düşünje bilen bagly ulgamlaşdyrylan tertipde aýdyň we anyk logika eýerýän nazary, şeýle hem tejribe jähtden sowatlary doly ýeterlik däldir.

Hukuk sowatlylygy babatda jemgyýetçilik garaýyşlary düýbinden başgadyr. Hukugyň kadalary ýazmaça beýan edilýänligi sebäpli, ilatda olar barada köpugurly giňişleýin düşünjeler bar. Şonuň üçin hem raýatlarymyzyň hukuk sowatlylygy jemgyýetde ýokary görkezijilere eýedir. Adamlar hukuk borçlary, temmileri we jogapkärçiligi bilen gündelik durmuşda üznüksiz ýagdaýda ýüzbe-ýüz bolup durýandyklary üçin, hukuk kadalary barada ýeterlik derejede habarly bolýarlar. Şu nukdaýnazardan ahlak, şol sanda telekeçiniň etika kadalarynyň hem ylmy esaslarda ulgamlaşdyrylyp resmileşdirilmegi döwrüň möhüm wezipesi bolup durýar.

Telekeçiniň etikasy diýip telekeçilik işini alyp barmagyň telekeçiler köpçüliginiň aglabasy tarapyndan umumylykda ykrar edilen ahlak (etiki) kadalarynyň jemine düşünilýär. Bu kadalarda telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly şahsyýeti diňe ýagşy tarapyndan häsiýetlendirýän onuň iň oňat gylyk-häsiýetleri jemlenendir.

Telekeçiniň etika kodeksiniň geljekde kabul edilmeginiň jemgyýetçilik ähmiýeti **esasan** şulardan ybarat:

- telekeçiniň etikasy bilen bagly kadalar bir ülňä getiriler we ýurt derejesinde bu mesele babatda bir bitewi syýasat ýörediler;
- telekeçiler telekeçilik işi bilen bagly ýerine ýetirilmeli ahlak kadalarynyň bardygyna göz ýetirerler, öz gündelik işinde olaryň zerurlygyna düşünerler;
- telekeçiniň etiki kadalaryny öwrenmäge we tejribä ornaşdyrmaga telekeçilerde mümkinçilik dörär;
- telekeçiniň etiki kadalaryny resmi kabul edilen çeşmä esaslanyp wagyz etmäge, şu maksat bilen ýörite okuwlary guramaga, maslahatlary geçirmäge, publisistik makalalary taýýarlamaga şertler dörär;
- telekiçilerde "ahlak borçlary" we "ahlak jogapkärçiligi" barada düşünje peýda bolar;
- netijede zähmet, önümçilik düzgün-tertibi bekär hem-de önümçilik meýilnamalary wagtynda, doly we ýokary hilli ýerine ýetiriler.

Telekeçiniň etika kodeksiniň esasy ýörelgeleri we kadalary barada şulary bilmegimiz wajyp. Onuň **esasy** ýörelgeleri, ýagny esasgoýujy we binýatlyk kadalary hökmünde şulary agzap geçmek ýerliklidir:

- edýän işiňi (hyzmatyňy) kanunalaýyk guramak we her bir çözgüdiňde adalatly bolmak;
- edýän işiň (hyzmatyň) ilki bilen il-güne peýdaly bolmagyny gazanmak;
- edýän işiň (hyzmatyň) bilen beýleki adamlara oňaýsyzlyklary döretmezlik;
- beýleki telekeçiler bilen arkalaşykly işlemek, olara başardygyňdan ýardam bermek, bäsdeşligi sözüň gowy manysynda ulanyp, kärdeşleriň işine badak atmazlyk;
- edýän işiňi (hyzmatyňy) arassa-halal ýerine ýetirmek;
- edýän işiň (hyzmatyň) netijelerine kanagat edip, täze üstünliklere ýetmek üçin dowamly göreşmek;
- kynçylyklary ýeňmegiň oňaýly hem-de netijeli ýollaryny tapmak we başgalar.

Telekeçiniň etika kodeksinde umumy we ýörite häsiýetli ahlak kadalary bolýar. Kodeksde esasan oňyn (pozitiw) häsiýetli kadalaryň berkidilmegine ýykgyn edilmeli. Ýaramaz (negatiw) etiki kadalaryny, adatça, pozitiw kadalaryň mazmunynda bermek dogry hasaplanýar. Umumy häsiýetli ahlak kadalary maşgalada, iş ýerinde, jemgyýetçilik ýerlerinde we beýleki ugurlarda özboluşly ýüze çykýarlar, ýagny düzgünleşdirilýän gatnaşyklaryň ulgamlaýyn aýratynlyklaryny göz öňünde tutýarlar. Telekeçiniň etika kodeksiniň umumy häsiýetli **esasy** kadalary (düzgünleri) hökmünde şulary görkezmek bolar:

- jemgyýetçilik bähbitlerini ileri tutmak;
- ýagşy umytda bolup işlemek we halkyňa ygtybarly hyzmat etmek;
- il-günüňe ýagşylyk etmek;
- abraý-mertebe diýip işlemek;
- şükürli-sabyrly bolup işlemek;
- göriplikdir bahyllyk etmezlik;
- töwekgel bolmak;
- ugurtapyjy bolmak;
- öňdengörüji bolmak we beýlekiler.

Telekeçiniň ýörite häsiýetli etiki kadalary diňe telekeçilik işinde ýüze çykýan ahlak gatnaşyklaryny düzgünleşdirýärler. Biz bu kadalaryň atlaryny görkezmek bilen çäklenmän, olaryň mazmunyny hem beýan etmekligi dogry hasapladyk. Bu topluma mysal edip, **esasan** şu aşakdaky etiki kadalaryny görkezmek bolar:

**Döwletiň telekeçilik syýasatyna goşant goşmak**

Her bir telekeçi ýurtda telekeçiligi ösdürmek babatda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylmagyna ýardam bermeli, döwletiň ykdysady kuwwatyny artdyrmaklyga goşant goşmaly

**Telekeçilik işine ynam we hormat döretmek**

Telekeçi müşderilerine we kärdeşlerine özüni diňe ýagşy tarapdan tanatmaly, şeýle etmek bilen telekeçilik işine jemgyýetde ynam we hormat döretmeli.

**Telekeçilik işini milli aýratynlyklarymyza laýyklykda guramak**

Telekeçilik işini milli aýratynlyklarymyza, ýagny halkyň mentalitetine esasalanyp guramaly, halkyň goldamajak işini we jemgyýete zyýan ýetirjek işi etmeli däl.

**Telekeçilik işini arassa-halal alyp barmak**

Her bir telekeçi telekeçilik işini arassa-halal amala aşyrmaly we haramdan daşda durmaly. Döwletiň ykdysady bähbitlerine ters gelýän işleri etmeli däl, tersine, şeýle hereketleriň öňüni almaga çalyşmaly.

**Ýokary hilli harytlary öndürmek, işleri we hyzmatlary ýerine ýetirmek**

Her bir telekeçi halkyň isleýän harytlaryny ýokary hilli öndürmeli we ilata elýeterli bahalardan ýerlemeli, amala aşyrýan işlerini we hyzmatlaryny talabalaýyk ýerine ýetirmeli, hiç bir halatda ýaman ada galmajak bolmaly.

Telekeçiler bazaryň ýagdaýyny dowamly öwrenip durmaly we halkyň isleglerini doly kanagatlandyrmaga çalyşmaly.

**Müşderileriňe we kärdeşleriňe hormat-sylag goýmak**

Her bir telekeçi telekeçilik işini amala aşyranda müşderilerine we kärdeşlerine hormat-sylag goýmaly, olar bilen mähirli-sypaýyçylykly gatnaşmaly, olaryň abraý-mertebesine şikes ýetirmeli däl.

**Işgäriň abraý-mertebesine hormat goýmak**

Her bir telekeçi işgärleri babatda gödeklige we äsgermezlige ýol bermän, olaryň işine gyradeň we adalatly garamaly, işgärini oňa esassyz bildirilýän talaplardan goramany başarmaly.

Adaty durmuşda telekeçileriň telekeçiniň etikasyny düzýän kadalardan habarly bolmaklary, önümçilikde bu kadalaryň giňişleýin ulanylýanlygynyň görkezijisi bolup durmaýar. Çünki bu düzgünler resmileşdirilmedik, ýagny belli bir tertipde ykrar edilmedik bolany üçin, adatça, adamlarda ahlak borçlary we jogapkärçiligi bilen bagly duýgulary döremeýär. Telekeçiniň etika kodeksi resmi kabul edilenden soňra, ol telekeçilik jemgyýetçiliginiň aglaba köpçüligi tarapyndan ykrar edilen hökmany ýerine ýetirilmeli düzgünleriň jemine öwrülmeli. Şeýlelikde, telekeçilerde ahlak borçlary we jogapkärçiligi bilen bagly duýgylar has aýdyň görnüşde emele gelmeli.

Telekeçiniň etika kodeksiniň kanun görnüşinde berkidilmegi nädogry bolar. Çünki, hukugyň kadalary mejburlyga esaslanýar. Şoňa görä-de, olar hiç kimiň erk-islegine bagly bolmazdan hökmany ýerine ýetirilmäge degişli talaplardyr. Etikanyň (ahlagyň) kadalary meýletin ýerine ýetirilmeli kadalar bolup durýarlar. Olary ýerine ýetirmäniň bilen, seniň garşyňa hiç hili mejbury çäreler ulanylmaýar. Etikanyň kadalaryny bozan şahsyýet diňe adamlar tarapyndan ýazgarylyp, jemgyýetden çetleşdirilip bilner.

Şonuň üçin hem bu Kodeksiň jemgyýetçilik başlangyçlarynda resmileşdirilmegi maksadalaýykdyr. Eger-de "Türkmenistanyň Telekeçileriniň etika kodeksi" Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň giň wekilçilikli umumy ýygnagynda kabul edilse we tassyklanylsa ähli babatda dogry hem-de ýerlikli bolar. Telekeçiler köpçüligi tarapyndan kesgitlenen etiki kadalaryna hemme telekeçiler kaýyl bolmaly hem-de ýerine ýetirmeli bolarlar. Türkmen pähimlerinde: "Il oňlasa atyňy soý" ýa-da "Dinden çyksaňam, ilden çykma" diýip örän jaýdar aýdylýar.

Telekeçiniň etiki temmi çäreleri we olary durmuşa geçirmegiň mehanizmi barada şulary bilmegimiz derwaýysdyr.

Durmuşda etikanyň düzgünleriniň bozulmagyny agyrlaşdyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän ýagdaýlar (ahlak bozulma näme sebäp bolupdyr, ol bilkastdan edilipmi ýa-da tötänlikde ýüze çykypmy, etmişli maşgalada we iş ýerinde nähili häsiýetlendirilýär, öň şular ýaly hereketlere ýol beripmi, şahsyýetiň abraýyna ýetirilen zelel nämeden görünýär we ş.m.) nazara alnyp, şu aşakdaky ahlak çäreleri etmişliniň garşysyna aýry-aýrylykda ýa-da toplumlaýyn görnüşde ulanylyp bilner: ýazgarmak; utandyrmak, duýduryş bermek; düzelmek üçin möhlet bellemek; tertibe çagyrmak; terbiýeçilik işlerini geçirmek üçin maşgalasyny, okaýan ýa-da işleýän ýerini habarly etmek we beýlekiler.

Ahlak çäresini ýygnak çagyryp ulanmagyň mehanizmini şu tertipde kesgitlemek bolar:

- ýygnagy etmişliniň işleýän ýeri boýunça kärhananyň ýolbaşçylygy guramaly we onuň ygtyýarly wekili alyp barmaly;
- ýygnak kärhananyň işgärleriniň ýönekeý köpçüligi gatnaşanda etiki düzgünleriň bozulmagyna garamaga ygtyýarlydyr;
- ýygnagyň çözgüdi oňa gatnaşyjylaryň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilmeli;
- ýygnagyň netijesi karar görnüşinde resmileşdirilmeli;
- ýygnagyň karary bilen nägile etmişli degişli döwlet edarasyna, şol sanda kazyýete bellenen tertipde şikaýat bildirip biler;
- etmişli ýygnaga hökman çagyrylmaly. Ol ýygnaga esasly sebäpler boýunça gelmedik halatynda (syrkawçylyk, iş sapary we ş.m.), çäre başga bir güne geçirilmeli.

Ýygnagyň oňyn täsirleri köp halatda onuň guramaçylykly geçirilmegine gös-göni bagly bolup durýar. Ýurt derejesinde telekeçiler üçin ahlak bozulmalary bilen bagly ýygnaklary alyp barmagyň bir bütewi tertibi üpjün edilende, etiki temmilerini ulanmagyň terbiýeçilik ähmiýeti we netijeliligi has-da güýçlenmeli. Şoňa görä-de, etiki meseleleri seljermeklige bagyşlanan ýygnaklaryň guramaçylyk

taraplary anyk we aýdyň görnüşde beýan edilende maksadalaýyk bolar. Ýygnak geçirmegiň mehanizmi ýörite kabul edilen Düzgünnamada kesgitlenilip bilner.

Köpçüligiň gatnaşmagynda ýygnagyň geçirilmeginiň maksady diňe bir etmişlini ýazgarmak däl-de, eýsem ony dogry ýola salmak, etikanyň düzgünleriniň bozulmagynyň gaýtalanmazlygyny üpjün etmek, şeýle hem ýygnaga gatnaşýan adamlara çäräniň terbiýeçilik täsirini ýetirmek bolup durýar.

Etika düzgünleriniň bozulmagy bilen bagly maglumatlar we olar boýunça geçirilýän işler barada telekeçilik jemgyýetçiligi habarly edilip durulmaly. Şeýle çemeleşmäniň telekeçilere ýetirýän terbiýeçilik täsiri we ähmiýeti örän ulu bolmaly.

Etika kodeksiniň çäreleri onuň düzgünleriniň bozulan ýerinde, ýagny ýörite ýygnak geçirmezden önümçilikde hem ulanylyp bilner. Mysal üçin, telekeçi ýa-da onuň elinde işleýänler ahlaksyz hereketlere ýol beren halatynda (özüni gödek alyp barýar, iş etmejek bolup bahana gözleýär, ýaltaçylyk edýär we ş.m.), kärhananyň ýolbaşçysy ýa-da abraýly ýaşulysy etmişlä bellik etmäge haklydyr.

Ýokarda beýan edilenlerden görnüşi ýaly, telekeçiniň etiki kadalaryny doly we dogry ýerine ýetirmek, ilki bilen telekeçiniň özüne bähbitli. Il-gününe we jemgyýete diňe peýda getirýän ynsanyň işiniň hemişe rowaç aljaklygy hemmä düşnükli bolmaly. Kämil ahlakly telekeçiniň durmuşda eýe bolýan artykmaçlyklary **esasan** şularda jemlenýär:

- gorkusyz we aladasyz işleýär we ýaşaýar;
- döwlet edaralary tarapyndan geçirilýän barlaglardan çekinmeýär;
- her kim şeýle telekeçi bilen işleşmäge we gatnaşyk saklamaga döwtalap bolýar;
- kärdeşleriniň we il-güniň hormat-sylagyndan peýdalanýar;
- kärdeşleri üçin görelde mekdebine öwrülýär;
- zähmet üstünlikleri dowamly ýüze çykyp durýar;
- maşgalasy sagdyn, çagalary göreldeli bolýar;
- hiç bir ýagdaýda ruhdan düşmeýär we başga-da birnäçe oňyn netijelere ýetilýär.

Jemgyýetde kämil ahlakly telekeçiler köp bolanda:

- jemgyýetiň sazlaşykly ösmegi we özgermegi üçin oňyn şertler döreýär;
- Döwlet maksatnamalry ytybarly we netijeli amal edilýär;
- ýurduň ykdysady kuwwaty artýar, tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanylýar;
- adamlaryň durmuş hal-ýagdaýlary dowamly gowulanýar;
- jemgyýetiň jebisligi we agzybirligi güýçlenýär, ynsan gatnaşyklarynda adalat dabaralanýar;
- jemgyýetde tertip-düzgün bekeýär, asuda-erkana durmuş gaýnap joşýar;
- jemgyýetiň ahlak medeniýeti we umumy medeniýeti ýokarlanýar.

**Taganmyrat Goçyýew**
**hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent**